# Melamat

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Melamat

MELAMAT

"Aýn","Elip" atly zatym bar,
Görseñiz dürli sahawat.
"Sin" "I" "Elip" ygtykatym bar,
Ýaratgan bersin şepagat.

Gatbar-gatbar öýli ýerde,
Gulak mäkämdir bir ýerde,
Günde elli batman iýr-de
Oñalyp gitmez salamat.

Elmydam ýoluñ rastynda,
Mekany ýeriñ astynda,
Ýeke aýak tagt üstünde,
Gylça gozgasañ ,melamat.

Dişi daş,dili demirden,
Oýmanar, galmaz bir ýerden,
Deşdi kem däldir inerden,
Gürleýir, gahry kyýamat.

Daşy agaçdyr, dişi daşdan,
Ganat kakar ýyndam guşdan,
Halaýyklar geler daşdan,
Ýa owsunjy, ýa keramat.

Köp gezer, tende jany ýok,
Çöl kesmäge permany ýok,
Suwdan başga dermany ýok
Köp içer, ganmaz, bir äpet.

Elmydam jaýy bellidir,

Suw içişi köp süllüdir,
Adamzatdan çopanlydyr,
Demir aýak, agaç ganat.

Ötäýi diýr, il mätäji,
Kanagat kyl, doýur ajy,
Amyderýa deñdir güýji,
Ylahy bolgaý salamat.

Ötäýi.

Goşgular